Türkmenistanyň Bilim ministriniň
2024-nji ýylyň "20" iýunynda
çykaran 218 belgili buýrugyna
1-nji goşundy

**Mekdep okuwçylaryň arasynda Mental arifmetika boýunça bäsleşigi geçirmegiň**
**DÜZGÜNNAMASY**

## I bap. UMUMY DÜZGÜNLER

1. Mekdep okuwçylaryň arasynda Mental arifmetika boýunça bäsleşigi geçirmegiň düzgünnamasy (mundan beýläk-Düzgünnama) Türkmenistanyň Prezidentiniň 2010-njy ýylyň 8-nji oktýabrynda çykaran 11308-nji karary bilen tassyklanan, Türkmenistanyň Bilim ministrligi hakynda Düzgünnamanyň bäşinji bölegine laýyklykda, dersler boýunça bilim edaralarynyň etrap, welaýat, umumydöwlet derejelerinde bäsleşiklerini guramak boýunça Türkmenistanyň Bilim ministrliginiň wezipelerini amala aşyrmak, ruhubelent ýaş nesli kemala getirmek, ýaşlary bilimiň täze, döwrebap usullaryna höweslendirmek, şeýle hem okuwçylaryň arasynda zehinli ýaşlary ýüze çykarmak maksady bilen işlenip taýýarlanyldy hem-de Mekdep okuwçylaryň arasynda Mental arifmetika boýunça bäsleşigi (mundan beýläk - bäsleşik) guramagyň we geçirmegiň tertibini düzgünleşdirýär.

2. Bäsleşik arifmetiki amallary we ýumuşlary çözmek üçin okuwçylaryň bilimlerini, başarnyklaryny, ýatdan we logiki pikir ýöretme endiklerini döredijilikli ulanmakda mekdep okuwçylaryň arasyndaky bäsleşik, şeýle hem bäsleşige gatnaşyjylar üçin syýasy-terbiýeçilik, medeni- köpçülikleýin çäreleriň toplumy bolup durýar.

3. Bäsleşik Türkmenistanyň bilim ulgamynyň dünýäniň ylym-bilim giňişligine sazlaşykly aralaşýan döwründe Watanymyza, halkymyza, Türkmenistanyň Prezidentine wepaly, ýiti zehinli we başarjaň ýaşlary ýüze çykarmak maksady bilen geçirilýär.

## II bap. BÄSLEŞIGI GEÇIRMEGIŇ TERTIBI

4. Bäsleşik ýedi görnüş boýunça mekdep okuwçylaryň arasynda geçirilip olaryň iki görnüşi rekord goýmaga synanyşyk görnüşinde geçirilýär.

5. Bäsleşigiň geçiriljek senesi Bilim ministriniň buýrugy bilen kesgitlenilýär we ol sene döwlet möçberindäki çäreler sebäpli üýtgedilip bilner.

6. Bäsleşigiň görnüşlerine bildirilýän talaplar Guramaçylyk topary tarapyndan taýýarlanylýar we olar azyndan bäsleşigiň geçirilýän gününden on bäş gün öňünden Eminler topary tarapyndan bäsleşige gatnaşyjylara yglan edilýär.

7. Bäsleşigiň jemleri Eminler topary tarapyndan jemlenilýär hem-de netijeleri resmileşdirilýär.

8. Bäsleşigiň jemleri her bir görnüş boýunça bäsleşigiň ikinji gününde yglan

edilýär.

9. Bäsleşigiň görnüşleri boýunça gatnaşyjylaryň netijeleri, beýanlar, ýeňijileriň sanawy Bilim ministrliginde 2 ýyl saklanylmalydyr.

## III bap. GURAMAÇYLYK TOPARYNY DÖRETMEK WE ONUŇ IŞI

10. Bäsleşigi geçirmek boýunça Guramaçylyk topary Bilim ministrligi tarapyndan döredilýär. Guramaçylyk iş toparynyň düzümine Bilim ministrliginiň bäsleşigi geçirmek boýunça jogapkär işgärleri we degişli bilim edaralarynyň wekilleri girýär.

11. Guramaçylyk topary bäsleşigiň guramaçylygy, geçirilişi, jemlenilişi boýunça umumy ýolbaşçylygy amala aşyrýar. Bäsleşigiň netijelerini bahalandyrmakda jedelli meseleler ýüze çykanda, arz-şikaýatlara Guramaçylyk topary bilen Eminler topary bilelikde seredýär we degişli çözgüt çykarýar we ol gutarnykly hasaplanylýar.

12. Bilim ministrligi tarapyndan bäsleşige gatnaşyjylaryň gazanan netijeleri boýunça 1-nji, 2-nji, 3-nji orunlara mynasyp bolanlar ýörite diplomlar bilen sylaglanylýar.

13. Bulardan başga-da, Guramaçylyk topary ýokary netije görkezen (milli, sebit, dünýä rekordyny goýan) gatnaşyjylara aýratyn tapawutlanandyklary üçin Bilim ministrliginiň ýörite diplomlary bilen sylaglanylýar.

14. Guramaçylyk toparynyň hödürnamasy esasynda bäsleşigiň işjeň gatnaşyjylary we guramaçylary, emin agzalary Bilim ministrliginiň hormat hatlary we minnetdarlyk hatlary bilen sylaglanylýar.

15. Guramaçylyk topary bäsleşigiň geçirilişi, onuň netijeleri baradaky maglumatyň köpçülikleýin habar beriş serişdeleri tarapyndan ýaýradylmagyny guraýar.

16. Guramaçylyk topary bäsleşik meýdançasynyň özüne degişli böleginde ýüze çykan näsazlyklary haýal etmän düzetmek boýunça degişli işleri geçirýär.

## IV bap. BÄSLEŞİK GÖRNÜŞLERİNİŇ EMINLERINI SAÝLAMAK WE OLARYŇ IŞI

17. Eminler topary Bilim ministrligi tarapyndan döredilýär. Eminler toparynyň düzümine hünärmenler, bilim edaralarynyň wekilleri we mugallymlary girýär.

18. Eminler toparynyň agzalary:

a) gatnaşyjylary hasaba alýar we olaryň resminamalaryny – okaýan bilim edarasynyň ýolbaşçylary tarapyndan berlen güwänamasyny we şahsyýetini tassyklaýan resminama laýyklykda barlaýar;

b) bäsleşigiň degişli görnüşiniň talaplaryna laýyklykda kompýuterleriň programma üpjünçiligni gözden geçirýär;

ç) bäsleşigiň geçirilýän wagtynda gatnaşyjylara gözegçilik edýär;

d) bäsleşik meýdançasynyň, okuw otagynyň özüne degişli böleginde ýüze

çykan näsazlyklary barada haýal etmän Guramaçylyk toparyna habar berýär;

e) bäsleşigiň geçirilýän bölüminde gatnaşyjylary birahat etjek ýa-da olaryň ünsüni böljek ýagdaýlaryň ýüze çykmazlygyna gözegçilik edýär;

ä) tassyklanan görkezijilere laýyklykda bäsleşigiň netijelerine baha bermek işlerini amala aşyrýar.

## V bap. BÄSLEŞIGIŇ ÝUMUŞLARYNY TAÝÝARLAMAGYŇ DÜZGÜNLERI HEM-DE TERTIBI

19. Ýumuşlar we olara bildirilýän talaplar Guramaçylyk topary tarapyndan kesgitlenilýär.

20. Guramaçylyk topary eminler topary bilen bilelikde bäsleşige gatnaşyjylary ýumuşlar we olara bildirilýän talaplar bilen tanyşdyrýar.

21. Bäsleşigiň her görnüşiniň düzgünlerine görä bahalandyrmak (baha, bal, wagt) ulgamy Guramaçylyk topary tarapyndan hödürlenýär.

22. Bäsleşigiň netijeleri şahsy hasapdan hasaba alynýar.

## VII bap. BÄSLEŞIGIŇ NETIJELERINIŇ KESGİTLENİŞİ, ARZ-ŞIKAÝAT İŞİNİ SELJERMEK

23. Ýumuşlary barlamaga Eminler toparynyň agzalarynyň ählisi gatnaşýar.

24. Islendik ýerine ýetirilen ýumuş boýunça düşünişmezlik ýüze çykan ýagdaýynda, Eminler topary bilen ylalaşylyp täzeden geçirilip bilner.

25. Seljermäniň netijesinde Guramaçylyk topary bilen Eminler topary arza-şikaýat boýunça bilelikde degişli çözgüt kabul edýär hem-de beýan bilen resmileşdirilýär.

## VIII bap. BÄSLEŞIGIŇ MADDY ÜPJÜNÇILIGI

26. Bäsleşigi geçirmek bilen baglanyşykly bolan ähli çykdajylar (bäsleşigiň geçiriljek ýerini taýýarlamak, gatnaşyjylaryň iýmit we ýol çykdajylary) degişli bilim edaralarynyň serişdeleriniň hasabyna maliýeleşdirilýär.

27. Diplomlary, Minnetdarlyk hatlaryny, Hormat hatlaryny taýýarlamak üçin çykdajylar Türkmenistanyň Bilim ministrligine Döwlet býujetinden bölünip berlen serişdeleriň hasabyna tölenýär.

28. Eminler toparlary hökmünde Bäsleşige çekilýän hünärmenleriň we mugallymlaryň iş sapary bilen bagly çykdajylary olaryň esasy iş ýeri boýunça tölenilýär.

**Türkmenistanyň Bilim ministriniň 2024-nji ýylyň "20" iýunynda çykaran 218 belgili buýrugyna 2-nji goşundy**

**Mekdep okuwçylaryň arasynda Mental arifmetika boýunça bäsleşigi geçirmek boýunça Guramaçylyk toparynyň düzümi**

1. A.Ataýew – Bilim ministriniň orunbasary;
2. A.Amanow – Bilim ministriniň orunbasary;
3. T.Gulamow – Ygtyýarlylandyrmak we bilim hakynda daşary ýurt resminamalaryny ykrar etmek bölüminiň başlygynyň w.w.ý.ý.;
4. N.Nurberdiýew – Magtymguly adyndaky Türkmen döwlet uniwersitetiniň Ylmy işler boýunça prorektory;
5. O.Myradow - Umumy orta bilim bölüminiň başlygynyň w.w.ý.ý.;
6. R.Mahmudow – Sanly ulgam we maglumat howpsuzlygy bölüminiň başlygynyň w.w.ý.ý.;
7. S.Gylyjow – Ygtyýarlylandyrmak we bilim hakynda daşary ýurt resminamalaryny ykrar etmek bölüminiň baş hünärmeni;
8. B.Muhammetsähedow – Magtymguly adyndaky Türkmen döwlet uniwersitetiniň Ilkinji ýaşlar guramasynyň başlygy;
9. O.Kakalyýew – "Kämil bilim" hususy kärhanasynyň Baş direktory;
10. Ç.Nazarow – "Altyn göreç" hojalyk jemgyýetiniň Baş direktory;
11. A.Rejepow – "Bilim ýoly" hususy kärhanasynyň Baş direktory;
12. R.Hydyrow – "Kämil bilim" hususy kärhanasynyň direktorynyň orunbasary;
13. W.Klyçew – "Zehin ýoly" hojalyk jemgyýetiniň okuw müdiri;
14. D.Durdymämmedow – "Kämil bilim" hususy kärhanasynyň usulçysy.

**Türkmenistanyň Bilim ministriniň 2024-nji ýylyň "20" iýunynda çykaran 218 belgili buýrugyna 3-nji goşundy**

**Mekdep okuwçylaryň arasynda Mental arifmetika boýunça bäsleşigi geçirmek boýunça Eminler toparynyň düzümi**

1. Türkmenistanyň Milli bilim institutynyň esasy ylmy işgäri S.Saryýew;
2. S.Allaberenow – Magtymguly adyndaky Türkmen döwlet uniwersitetiniň Umumy matematika kafedrasynyň mugallymy;
3. A.Ýollyýew – Magtymguly adyndaky Türkmen döwlet uniwersitetiniň Matematiki analiz kafedrasynyň mugallymy;
4. M.Mälikgulyýew – Berdimuhamet Annaýew adyndaky Arkadag şäher mugallymçylyk orta hünär okuw mekdebiniň Okuw bölüminiň başlygy;
5. S.Atageldiýew – Arkadag şäheriniň 1-nji ýöriteleşdirilen okuw-terbiýeçilik toplumynyň Fizika mugallymy;
6. N.Aýdogdyýewa – "Kämil bilim" hojalyk jemgyýetiniň Türkmenabat şahamçasynyň Mental arifmetika mugallymy;
7. M.Jelilow – "Kämil bilim" hojalyk jemgyýetiniň Türkmenabat şahamçasynyň mental arifmetika mugallymy;
8. A.Tagannazarow – "Kämil bilim" hojalyk jemgyýetiniň Balkanabat şahamçasynyň Mental arifmetika mugallymy;
9. G.Annabaýewa – "Kämil bilim" hojalyk jemgyýetiniň Balkanabat şahamçasynyň Mental arifmetika mugallymy;
10. A.Kalandarow – "Kämil bilim" hojalyk jemgyýetiniň okuw müdiri;
11. D.Sazakow – "Kämil bilim" hojalyk jemgyýetiniň Daşoguz şahamçasynyň mental arifmetika mugallymy;
12. H.Ahmedow – "Kämil bilim" hojalyk jemgyýetiniň Kerki şahamçasynyň mental arifmetika mugallymy;
13. Ş.Ýazberdiýewa – "Kämil bilim" hojalyk jemgyýetiniň Mental arifmetika mugallymy;
14. J.Çaryýewa – "Bilim güzeri" hojalyk jemgyýetiniň Mental arifmetika mugallymy;
15. S.Garlyýew – "Bilim güzeri" hojalyk jemgyýetiniň Mental arifmetika mugallymy;
16. A.Muhammetgulyýew – "Bilim ýoly" hojalyk jemgyýetiniň Mental arifmetika mugallymy;
17. Ş.Gulmyradow – "Bilim ýoly" husussy kärhanasynyň Mental arifmetika mugallymy;

18. G.Toýlyýewa – “Altyn göreç” hojalyk jemgyýetiniň Mental arifmetika mugallymy;
19. M.Agasaparow – “Altyn göreç” hojalyk jemgyýetiniň Mental arifmetika mugallymy;
20. N.Seýidowa – “Döwletli nazar” hojalyk jemgyýetiniň Mental arifmetika mugallymy.

**Türkmenistanyň Bilim ministriniň 2024-nji ýylyň "20" iýunynda çykaran 218 belgili buýrugyna 4-nji goşundy**

## Mekdep okuwçylaryň arasynda Mental arifmetika boýunça bäsleşigi geçirmek boýunça ýerine ýetirilmeli işler boýunça jogapkär işgärleriň düzümi

| T/b | Ýerine ýetirilmeli işler | Jogapkärler |
|---|---|---|
| 1. | Bäsleşige gatnaşyjylary geliş-gidiş tertibi boýunça garşylamak we ugratmak | A.Rejepow, "Bilim ýoly" hususy kärhanasynyň Baş direktory |
| 2. | Bäsleşige gatnaşyjylaryň ýaşaýyş ýerlerinde gije-gündizleýin nobatçylygy guramak | M.Akynyýazow, Aşgabat şäher Baş bilim müdirliginiň Umumy orta bilim bölüminiň baş hünärmeni |
| 3. | Bäsleşige gatnaşyjylaryň ýaşaýan we bäsleşigiň geçýän ýerlerinde iýmit üpjünçiligine, ýaşaýyş şertlerine gözegçilik etmek | O.Kakalyýew, "Kämil bilim" hususy kärhanasynyň Baş direktory<br><br>W.Klyçew, "Zehin ýoly" hojalyk jemgyýetiniň okuw müdiri |
| 4. | Bäsleşige gatnaşyjylary ýörite niýetlenen awtoulaglar bilen üpjün etmek we olaryň sazlaşykly işlemegini ýola goýmak | R.Hydyrow, "Kämil bilim" hususy kärhanasynyň direktorynyň orunbasary |
| 5. | Bäsleşigiň açylyş hem-de ýapylyş dabaralaryny, medeni çäreleri guramak | B.Muhammetsähedow, Magtymguly adyndaky Türkmen döwlet uniwersitetiniň Ilkinji ýaşlar guramasynyň başlygy |
| 6. | Bäsleşigiň ýeňijilerine we gatnaşyjylara diplomlary hem-de hormat hatlary gowşurylyşyny guramak | S.Şemiýew, Umumy orta bilim bölüminiň baş hünärmeni<br><br>D.Durdymämmedow, "Kämil bilim" hususy kärhanasynyň usulçysy |
| 7. | Bäsleşigi meýletinçiler bilen üpjün etmek hem-de gözegçilikde saklamak | J.Öwezmyradow, Ýokary we orta hünär bilimi bölüminiň baş hünärmeni |

| | | |
|---|---|---|
| 8. | Bäsleşigiň meýilnamasyny, hormat hatlary we diplomlary, gatnaşyjylaryň ulanmaklary üçin zerur bolan neşir işlerini taýýarlamak we ýadygärlik sowgatlary bilen üpjün etmek | Ç.Çaryýew, Hojalyk bölüminiň başlygy<br><br>Ç.Nazarow, “Altyn göreç” hojalyk jemgyýetiniň Baş direktory |
| 9. | Ýokary tizlikli internet ulgamyny guramak we olaryň sazlaşykly işlemegine gözegçilik etmek | R.Mahmudow, Sanly ulgam we maglumat howpsuzlygy bölüminiň başlygynyň w.w.ý.ý. |
| 10. | Bäsleşigi köpçülikleýin habar beriş serişdelerinde mahabatlandyrmaklygy, onuň bilen bagly wagyz işlerini geçirmekligi guramak | M.Gelenowa, Başlangyç hünär bilim bölüminiň başlygynyň w.ý.ý. |
| 11. | Bäsleşige gatnaşyjylar üçin “Magtymguly Pyragy” medeni-seýilgäh toplumyna, “Arkaç” söwda-dynç alyş merkezine gezelençler guramak | M.Akynyýazow, Aşgabat şäher Baş bilim müdirliginiň Umumy orta bilim bölüminiň baş hünärmeni |
| 12. | Bäsleşik geçýän döwründe polisiýanyň ýol gözegçiligi gullugynyň işgärleriniň gözegçiligini guramak we sazlaşykly işini üpjün etmek | A.Mämmedow, Umumy orta bilim bölüminiň baş hünärmeni |
| 13. | Bäsleşigiň geçýän ýerinde we gatnaşyjylaryň ýaşaýan ýerinde saglyk nokatlaryny guramak, “Tiz kömek” gullugynyň awtoulag kerwenleri bilen sazlaşykly hereketini üpjün etmek | A.Mämmedow, Umumy orta bilim bölüminiň baş hünärmeni |